# Öwrülme / powest

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Öwrülme / powest

ÖWRÜLME

I.

Säher bilen basyrganyp oýanan Gregor Zamza düşekde ýatan ýerinden özüniň bir aýylganç jandara öwrülendigini duýdy. Ol özüniň sowut şekilli, gataňsy arkasyna ýatyşyna kellesini çala galdyryp esewan edeninde, goňur reňkdäki ýaý görnüşli güberçekler bilen örtülen gasyn-gasyn garnyna hem-de onuň üstünden syrylyp gaçaýjak–gaçaýjak bolup duran ýorgança gözi düşdi. Göwresiniň beýleki synalary bilen deňeşdireniňde örän inçe we juda köpsanly aýajyklary onuň gözüniň öňünde mejalsyzja gyrmyldaşýardylar.
Ol: "Maňa ne döw çaldyka?" – diýip oýlandy. Bu ahwalat onuň düýşi-hä däldi. Onuň otagy hem, adaty adamlaryňkydan kiçiräk diýäýmeseň, tanyş diwarlaryň arasynda ozalkysy ýaly durdy. Üstüne dürli ýaglyk-matalaryň nusgalary ýaýradylyp serlen stoluň ýokarsynda – Zamza ýerlere aýlanyp, odur-budur satýan jerçidi – onuň golaýda bir reňkli žurnaldan gyrkyp alyp, altyn çaýylan enaýyja çarçuwa salan suraty asylgy durdy. Bu suratda kellesine per telpek geýen we boýnuna per ýaglyk oranan zenan maşgala dim-dik bolup oturşyna tirsekden aşagyny doly ýapyp duran per eldolagyny özüne äňedýänlere tarap uzadyp otyrdy.
Soňra Gregoryň nazary penjirä gönükdi we ýaramaz howa – penjiräniň alýumin çarçuwasyna gelip urulýan ýagyş damjalarynyň sesi mesaňa-mälim eşidilip durdy – onuň keýpini bozup, ýüregini gysdyrdy. Ol: "Ýene biraz ýatyp, bar bolgusyzlyklary unudyp bolsady" – diýip oýlandy. Ýöne munuň özi asla mümkin däldi, çünki ol hemişe sag egnine ýatmagy endik edinipdi, emma welin häzirki ýagdaýynda ol özüni ozalky kaddyna getirmegi başarmady. Güýjünde bary bilen sag egnine

agdarylmaga şunça çytraşsa-da, ol ýene arkanlygyna düňderilýärdi. Ol bu hereketini ýüz gezekden gowrak dagy gaýtalady, howada galgajaklaýan aýajyklaryny görmezlik üçin gözlerini ýumdy, ahyrynda hem bykynynda öň hiç haçan duýulmadyk bir düşnüksiz, ýeňiljek agyryny syzanyndan soňra bu niýetinden el çekdi.
Ol: “Eý, Hudaý,” diýip oýlandy, “gör men nähili agyr käri saýlap alypdyryn! Hudaýyň beren gününi ýolda geçiripdirin. Söwda aladalary obamdaky düýp dükanymdakydan has çökder, onsoňam ýol ýadawlygyna çyda, otlularyň gatnaw wagtyny ýadyňda sakla, wagtly-wagtynda berilmeýän ýaramaz nahar bilen oňňut et, üstesine-de täze-täze adamlar bilen uzaga çekmeýän, ýasama gatnaşyklar. Bularyň barysy jähennemiň teýine gitsin-le!” Şu mütdet ol garnynyň üstüniň ýeňiljek gijeýänini duýdy; kellesini galdyrmaga amatly bolar ýaly, arkanlygyna ýatyşyna haýaljakdan krowadynyň erňegine baka süýşdi; endamynyň gijeýän ýerini tapdy, ol ýeri bolsa nämedendir düşnüksiz, ak nokatjyklar bilen örtülendi; aýaklarynyň biri bilen şol ýerini basyp göräýjekdi, emma derrew aýagyny yzyna çekdi, çünki sähelçe galtaşmadan hem onuň tutuş endamyny gagşyldy gurşap aldy.
Ol süýşeneкläp, ýene-de öňki ýatan ýerine bardy. Ol: “Şu zeýilli ir oýanmak her bir bendäni aklymdanam azaşdyrjak” – diýip içini gepletdi. – “Adam pahyr ukusyny almalydyr. Beýleki jerçiler-ä, edil beg-töräniň aýaly ýaly, ellerini sowuk suwa urmasalar hem juda mes ýaşaýarlar. Men görgüli, meselem, buýrulan harytlaryň sanawyny göçürip ýazmak üçin günortana ýakyn myhmanhana gaýdyp gelsem, olar ýaňy bir ertirlik naharynyň başyna geçýändirler. Şeýle hereketi öz hojaýynymyň ýanynda men gaýtalan bolaýsam dagy, şol wagtyň özünde yzyma şakyrdyk dakylardy. Kim bilýär, belki munuň özi meniň üçin gaýtam bähbidinedir. Eger men bu süteme enem-atamyň hatyrasyna çekip-çydap ýörmedik bolsadym, onda bireýýäm hojaýynyň ýanyna baragetdin, işden gitjegimi hem-de onuň özi barada bolanja bar pikirimi jemläp, bassyr-ýussursyz göni ýüzüne aýdardym. Ojagazyň beýik kürsüsinden diň arkanlygyna gaýtjag-a ikuçsyz! Hekgeren bolup oturmak, elindäki gullukçy işgärler bilen

hondanbärsi bolup gepleşmek hojaýynyň edähedi ahyryn, üstesine-de onuň gulagynyň agyrlygy zerarly gullukçylar gürleşmek üçin başga ebeteýini tapman, onuň has golaýyna barmaly bolýarlar. Entek umydymy doly ýitiräýemok, ene-atamyň oňa bergisini üzmek üçin ýeterlik pul toplaýyn bakaly – muňa welin ýene bäş-alty ýyl gerek boljak – bu işi şeýle galdyrmajagym çyndyr. Şonda hökman şarpa ýolup taşlaryn. Häzir welin men turaýmaly, sagat bäşde otlym ugraýandyr."
Soňra ol sandygyň üstünde jykgyldap duran sagada nazaryny aýlady. "Eý, Hudaý jan!" diýip, içini hümletdi. Eýýäm ýediniň ýarydy, sagadyň dili öz hereketini arkaýyn dowam etdirýärdi, hatda eýýäm ýene çärýek sagadrak öňe gidäýen ekeni, indi ýedä onbäş minut töweregi galypdyr. Sagat näme üçin jyňňyrdamady-ka? Sagadyň göni dörde gurlandygy onuň ýatan ýerindenem görnüp durdy; ol hökman jyňňyrdan bolmaly. Öý goşlaryna çenli sandyradýan elhenç zenzeläni eşitmän, nädip arkaýyn ýatyp bildi-kä? Arkaýyn ýatyp bilmedigem bolsa, oýanmaýşyny diýsene. Ýeri, ol indi näme etmeli? Indiki otly sagat ýedi-de ugraýar; oňa ýetişmek üçin ol örän tijenmeli, satylmaly nusgalyklar bolsa entegem ýygnalynmadykdy, onsoňam onuň özüni duýşy öwerlik däl, ýerinden laňňa galaýmagy başarjagam däl. Otla ýetişäýende-de, hojaýynyň käýinjinden gutulma ýok, çünki söwda öýüniň gullukçysy hem sagat bäşde gidýän otla garaşandyr we eýýäm onuň gijä galanlygy barada hojaýyna habar ýetirendir. Aň-düşünjesi, mertebesi bolmadyk bu mahluk ozalam hojaýynyň üzeňňisinden üç geçýärdi. "Ýaramadym" diýäýse bolmazmy-ka? Aý, ýok-la, bu bahana juda gelşiksiz, üstesine-de ynandyryjy bolmaz, çünki Gregor özüniň işlän bäş ýylynyň içinde ýeke gezegem nähoşlap görmändi. Hojaýynyň keselhanadan bir lukmany yzyna tirkäp geljegine, „dünýäde näsag adam ýok, diňe işden gaçgalaklaýanlar bar“ diýip tassyklaýan lukmanyň aýdanlaryny tutaryk edinip, ene-atasyna ogullarynyň ýaltadygyny hetjiklejegine şek-şübhe ýok. Eýsem edil şu ýagdaýda onuňky düýbünden telek bolaýarmy-ka? Juda köp ýatsa-da, henizem gözüňi bürüşdirip barýan ukudan doly açylyp ýetişmändigini hasaba almasaň, Gregor dogrudanam häzir özüni örän oňat duýýardy, hatda birneme surnugaýanam ýalydy.

Şu hyýallar bilen ol ähli zady howlukmaç oýlap-ölçerip, düşeginden turmagy ýüregine ymykly düwinçä, – sagadyň zaňy edil şol wagt 15 minudy kem ýedini kakdy – onuň başujyndaky gapy tyrkyldady. “Gregor” diýen ses eşidildi – bu onuň ejesidi – „Sagat eýýäm ýedä 15 minut bar. Sen işe gitmekçi dälmiň?“ Bu sesiň mylaýymdygyny diýsene! Gregor jogap bereninde öz sesini eşidip, özi gorkdy. Bu onuň üýtgemedijek öňki sesidi, ýöne niredendir bir ýerden çykan pessaýja gyryk jygyldy bilen garyşyp, sözler birbada düşnükli eşidilse-de, soňy şeýle bir bulaşdy welin, onuň çykaran sesiniň asla eşidilendigine-de düşüner ýaly bolmady. Gregor pert-pert jogap berip, ähli zady düşündirmek isledi, ýöne häzirki düşen ýagdaýy zerarly, ol diňe: “Bolýa, eje, sag bol, men häzir turýan” diýmegi başardy. Agaç gapy zerarly, daşaryda Gregoryň sesiniň neneňsi üýtgändigi aňşyrylmadyk bolara çemeli, sebäbi ejesi onuň jogaby bilen kanagatlanyp, aňrylygyna ýöräp gitdi. Bu gysgajyk saglyk-amanlyk soraşma Gregoryň henizem işe gitmändigine maşgalanyň beýleki agzalarynyň ünsüni çekdi, ine-de kakasy gapdal gapylaryň birini ýuwaşja, emma ýumruk bilen kakmaga durdy. Ol: “Gregor, Gregor, bu näme boldugy?” – diýip gygyrýardy. Birhaýukdan soň ol sesini has-da ýognaldyp, ýene-de hemle urdy: “Gregor! Gre-gor!”
Beýleki gapdal gapydan bolsa gyz jigisiniň assaja sesi eşidildi: “Gregor, näme ýaraňokmy? Kömek gerekmi?” Gregor iki gapdalyna-da: “Men eýýäm taýýar” diýip, jogap berende gara çyny bilen her sözüniň arasyna salym salyp, öz sesindäki düşnüksizligi ýaşyrmaklyga çalyşdy. Kakasy hem ertirligini edinmäge yzyna dolandy, emma gyz jigisi welin ýuwaşjadan pyşyrdap özelenýärdi: “Gregor, aç gapyny, ýalbarýan saňa, açaý-da!” Gregor welin gapyny açmak hakynda pikirem edenokdy, ol eýläk-beýläk iş saparlaryna gidenindäki öwrenen endiginden – öýde-de ätiýaçdan ähli gapylary agşamlaryna gulplamak edähedinden – häzir hoşal boldy.
Ol ilki bilen ýerinden turup arkaýyn, hiç bir päsgelçiliksiz geýinmek, esasan-da, ertirlik edinmek isleýärdi, diňe şondan soň näme etjekdigi barada pikirlenmekçidi, çünki mundan beýläk düşekde oýkanjyrap ýatmagyň oňlulygyň üstünden eltmejegini

duýup ugrapdy. Ol ýerinden örmänkä, megerem, çemesiz ýatandygy zerarlydyr, köplenç ýeňiljek agyrynyň peýda bolýandygyny, ýöne ýerinden turan badyna bu agyrynyň ýitip gidiberýändigini ýatlady we bu günki wakalaryň hem ýuwaş-ýuwaşdan ýitip gitjegine umyt baglady. Ol öz sesiniň üýtgemeginiň hemişe ýologly jerçileriň adaty keselidigine – ýoň-dümewden başga hiç zat däldigine birjigem şübhelenmedi.

Üstündäki ýorganҫany aýyrmak oňa asla kyn düşmedi; munuň üçin oňa garnyny biraz çişiräýmek ýeterlik boldy – ýorganҫanyň özi ýere emaýlyk bilen syrygyp düşdi. Ýöne mundan beýläkki hereketler oňa agyr degdi, esasan hem göwresiniň juda ýognanlygy päsgel berdi. Aýak üstüne galmak üçin oňa goldur el gerekdi; eliň-goluň deregine onuň diňe köpsanly, dynuwsyz gybyrdyklaşýan aýajyklary bardy, olara-da asla erkini ýöredip bilenokdy. Epmekçi bolan aýagy, gaýtam tersine, uzaýardy; ahyrsoňy bir aýagyna erkini ýöretse, şol pursatda beýlekileri, edil başyna goýberilen mal ýaly, dürli ugur boýunça gybyrdaklaşyp, ejir baryny görkezýärdiler. Gregor: “Her etmeli, hesip etmeli, düşekde gol gowşuryp oturmal-a däl” – diýip, içini hümletdi.

Ilkibada ol düşeginden göwresiniň heniz nazary düşmedik we göz öňüne-de getirip bilmedik aşaky bölegi bilen turmakçy boldy, emma bedeniniň bilden aşagy garaşyşyndanam mejalsyz bolup çykdy; synanyşyklaryň netijesi ýabygorludy; ahyry ol däliräre golaýlap, güýjünde bary bilen öňe dyzady welin, nädogry tarapa ýönelip, krowadyň aýak ujundaky gözenege süsdürildi, gözünden ot syçradan agyry bolsa oňa öz göwresiniň aşaky böleginiň edil şu pursat iň bir duýgur syna bolup galýandygyny duýdurdy.

Şonuň üçinem ol indi göwresiniň ýokarky bölegini düşekden galdyrmaga synanyşyp, kellesini seresaplyk bilen düşegiň gyrasyna öwürdi. Bu hereket oňa aňsatlyk bilen başartdy, göwresiniň ýognalandygyna we juda agralandygyna garamazdan, tutuş göwre kelläniň yzyna eýerip, ýuwaşjadan herekete geldi. Emma kellesi krowadyň erňeginden agyp, howada asyl-asyl bolup galanda, onuň imany göçdi, mundan buýana bu zeýilli hereket etmekligiň hatarlydygyna göz ýetirdi, çünki bardy-geldi krowatdan ýykylaýsa, kellesine zeper ýetirmezlik üçin diňe

üýtgeşik bir gudrata bil baglamaly boljakdy. Edil häzirki ýagdaýda sowukganlylygyňy ýitirmek asla bolmaýardy, ondan-a düşekde ýatanyňam müň kerem ybaly boljakdy.
Hykgy-çokgy bilen ýene-de düşekdäki ozalky kaddyna dolanyp geleninden we aýajyklarynyň howada indi ozalkysyndanam beter gybyrdaklaşýandygyny göreninden soň, ol bu bulam-bujarlygyň soňuna çykmagyň, asudaja tertibi dikeltmegiň çäresini tapmazdan düşekde galyp bolmajakdygy we iň paýhasly çykalganyň ýeriňden galmak üçin çigit ýalyjak umyt baram bolsa, eliňden gelenini gaýgyrmaly däldigi barada oýlandy. Şol bir wagtyň özünde ol arkaýynçylykda oýlanyşylyp edilen herekediň aljyraňňy hereketlerden kän oňaýlydygyny özüne häli-şindi ýatladyp durmagy hem unutmady. Şu pursat ol penjirä çiňe-çiňe seretdi, emma, gynansak-da, hatda darajyk köçäniň beýleki tarapyny hem gaplap alan säher dumanyndan susup alar ýaly teselli tapylmady. “Eýýäm ýedi boldy“ diýip, ol sagadyň jyňňyrdysy eşidilende öz-özüne aýtdy, “Eýýäm ýedi boldy, daşarynyň ümür-dumany bolsa henizem syrylmandyr.” Soňra ol, hamana ümsümlik ony hemişeki we öz-özünden düşnükli bolan kaddyna gaýtaryp getiräýjek ýaly, birnäçe wagtlap ysgynsyzja dem alyp, ýerinden gozganman ýatdy.
Soňra bolsa ol: “Sagat 8-den 15 minut işleýänçe men her zat etmeli welin, ýere düşmeli. Galyberse-de oňa çenli meni işden sorap gelerler, çünki edara ýediden öň açylýandyr” – diýip, içini gepletdi. Şundan soň krowadynyň üstünde tutuş göwresini öňe-yza gymyldadyp, assa-ýuwaş süýşeneklemäge başlady. Eger birdenkä krowatdan ýykylaýsa-da, aşak gaçyp barşyna kellesini tiz ýokary göterip, oňa zeper ýetirtmän bilse gerek. Arkasy hem, göräýmäge, ýeterlik derejede gataňsy ýaly; halynyň üstüne arkanlygyna düşäýse-de, hiç zat bolmasa gerek. Aşak gaçanda göwresiniň uly gürpüldi döretjegi, netijede bolsa ähli gapylaryň aňyrsynda ahyrzaman gopdurmasa-da, uly bir başagaýlyk döretjekdigi baradaky pikir ony ähli zatdan beter azara goýýardy. Şonda-da ol hökman ýüregini bire baglamalydy.
Gregor ýarty göwresi bilen krowadyň erňeginden sallananda – bu täze usul surnukdyryjy agyr iş däl-de, gaýtam tersine, nähilidir bir oýna meňzedi –, ýerden itinmek üçin özüne kömege

gelinse, hemme zadyň ap-aňsatja başartjakdygy barada oýlandy. Iki sany güýçli adamyň – ol öz kakasyny hem-de öýdeniçer gyzy göz öňünde tutdy – kömegi ýeterlik boljakdy; olar onuň güberilip duran arkasynyň aşagyndan ellerini geçirip, emaý bilen krowatdan göterseler, soňam ol aýajyklaryny doly ýere diräp göwresine tekge berinçä kanagat edip egiljiräp duraýsalar, ähli zat gülala-güllük boljak duruberjekdi. Gapylaryň barysynyň ýapykdygyna garamazdan, belki, ol dogrudanam kimdir birini kömege çagyrmalydyr? Öz halynyň gözgynydygyna seretmezden, ol ýylgyrman durup bilmedi.
Batly çaýkanyp durşuna ol deňagramlylygyny zordan saklady, indi haýal-ýagallyga salman belli-külli karara gelmelidi, çünki ýene bäş minutdan 7-den çärýek sagat ötjekdi, – daşky gapynyň jaňy kakyldy. “Bu gelen häkman edaradan iberilen adamdyr” – diýen pikirden onuň tutuş göwresi tas saň-gaty bolup galsa-da, aýajyklary ozalkysyndanam beter gyrbyrdaklaşmaga durdylar. Birsellem dym-dyrslyk höküm sürdi. “Gapyny açaýaslary ýok-la” – diýen Gregor haýsydyr bir düşnüksiz umyda gark boldy. Ýöne, ine, az salymdan öýdeniçer gyz hemişekisi ýaly dogumly ýöräp, gapyny açdy. Gregor gelen myhmanyň diňe salamyny eşideninden, onuň kimdigini tanady –ygtyýarly wekiliň hut özi. Näme üçin Gregoryň maňlaýyna sähelçe zada hem agyr betgümanlyk edilýän şu edarada işlemek ýazyldy-ka!? Eýsem, o taýda işleýänleriň barysy şeýle päliýaman bolaýmalymy, olaryň içinde ýüpüniň üstüne odun çykarlyk ynamdar adam tapylmazmy, meselem, ir säheriň bir-iki sagadyny işe sarp edip bilmese-de, wyždanynyň berýän azabyndan akly çaşyp barýan, ýöne düşegindenem turup bilmän ýatan adam bolubilmezmi näme? Alyp barýan zerurlyk ýüze çykaýan halatynda-da, ýaňy işe alnan şägirtleriň biri iberiläýende bolmaýarmy näme? Näme üçin ygtyýarly wekiliň hut özi sölpüldäp gelip, asuda oturan maşgalany azara goýup, bu düşnüksiz işiň derňewiniň diňe özi ýaly düşünjeli kişä ynanylandygyny diline çolamalyşyn? Oýlandygyça kejebesini daraldýan pikirleriň netijesinde Gregor belli-külli karara gelip, bat bilen özüni krowadyndan aşak oklady. Tarpyldynyň sesi güýçli çyksa-da, yzasy bilen oňuşmazça däldi. Muňa ýere düşelen ýumşak haly hem

az-kem täsirini ýetirdi, üstesine onuň arkasy hem Gregoryň öz çak edişinden has maýyşgak eken, şonuň üçinem onuň ýere gaçanyndaky gürpüldi sesi basyk çykdy. Ýöne aşak gaçanda seresaplylygy elden berip, kellesini ýere urdurdy; gahardan hem-de güýçli agyrydan ýaňa towlanjyrap, kellesini hala oýkady.
Ygtyýarly wekiliň çep tarapky goňşy otagdan: “Ol otagyň içinde bir zad-a ýere gaçdy” diýen sesi geldi. Gregor öz sataşan derdiniň ygtyýarly wekiliňem başyna düşenindäki ýagdaýy göz öňüne getirmäge synanyşdy; aslynda şu zeýilli hadysanyň bolup biljegine ikirjiňlenibem bolasy ýok. Ygtyýarly wekil, hamana bu sowala jogap berýän ýaly, ýalpyldawuk aýnagonç ädigini jygyldadyp, goňşy otagda eýläk-beýläk dogumly ädimledi. Gregory habardar etmek islän gyz jigisi sag tarapky otaga çykýan gapynyň agzynda pyşyrdady: “Gregor, barlagçy geldi.” Gregor: “Bilýän” – diýip, eşidiler-eşidilmez gürledi; ýöne ol gyz jigisi eşider ýaly derejede sesini gataltmaga milt edip bilmedi.
“Gregor” – diýip, çep gapdaldaky otagdan kakasy gygyrdy, – “Jenap wekil seniň irki otly bilen gitmänligiňi eşidip, sebäbini anyklamaga gelipdir. Biz oňa näme jogap berjegimizi bilemizok. Onsoňam ol seniň hut özüň bilen gürleşmek isleýär. Şonuň üçinem gaýrat et-de, gapyny aç. Otagyňdaky bulam-bujarlyk üçin çekinip oturma, wekil – sypaýy adam, aýp-syn edip durmaz.” “Ertriňiz haýyr, jenap Zamza” – diýip, ynamdar wekil salykatlylyk bilen habar gatdy. Kakasy henizem gapynyň agzynda gürläp duran mahaly ejesi ynamdar wekile ýüzlendi: “Ol ýaranok, jenap wekil, maňa ynanaýyň, ol nähoş. Ýogsa, heý, Gregormy otla gijä galjak! Oglumyň kellesinde öz işinden başga pikir ýog-a. Men hatda agşamlaryna-da hiç ýere çykmaýanlygy üçin oňa biraz gatyrganýanam; şähere gelenine eýýäm sekiz gün geçdi, ýöne ýeke agşamam öýden çykmady. Biz bilen saçagyň başynda otursa-da, sesini çykarman gazet okaýandyr ýa-da otlularyň gatnaw tertibini öwrenýändir. Onuň ýekeje güýmenjesi bar, ol hem agaçdan nämedir bir zatlary oýup ýasamak. Mysal üçin, iki-üç agşam iş edinip, kinniwanja çarçuwajyk ýasady; Siz onuň owadanlygyna haýranlar galarsyňyz; ol otagyň içinde

asylgy dur; häzir Gregor gapyny açar welin, özüňizem görersiňiz. Dogrusy, jenap wekil, men Siziň hut özüňiziň geleniňize örän begendim; Siz bolmasaňyz, ýeke özümiz Gregora gapyny açdyrybam bilmezdik; ol şeýle bir hötjet; ýok, ol dogrudanam nähoşlandyr, ir bilen muny boýun almadygam bolsa, şeýledir.” “Men häzir çykýan” – diýip, oýa batan Gregor, gürrüňiň ýekeje sözüni hem gulagynyň duşundan geçirmezlik üçin, ýuwaşja gürledi. “Menem, hanym, başga hili düşündiriş tapamok” diýip, wekil gepe goşuldy, “belki, onuň syrkawlygy ýeňiljek geçäýedi-dä. Ýeri gelende aýtsam, biz söwdagärler – muny ýagşylyga ýorjagyňam, ýamanlyga ýorjagyňam bileňok – işiň bähbidi üçin ýeňil-ýerpaýrak nähoşlugy köplenç aýak üstünde geçirmeli bolýarys.” “Ýeri onsoň, jenap wekil seniň otagyňa giräýsinmi?” – diýip, sabyrsyz kakasy ýene-de gapyny kakdy. Gregor: “Ýok” – diýip jogap berdi. Çepdäki otagda aýylganç ümsümlik höküm sürdi, sagdaky otagda bolsa gyz jigisi şumjarmaga başlady.

Näme üçin gyz jigisi beýlekileriň ýanyna barmaýar-ka? Ähtimal, ol diňe häzir düşeginden turandyr-da, entek egin-eşiklerini geýnibem ýetişen däldir. Onda näme üçin aglaýar-ka? Onuň ýerinden turmaýanlygy, wekili içeri goýbermeýänligi üçinmi-kä, işini ýitiräýmeginiň ähtimallygy ýa-da hojaýynyň ene-atasyndan köne bergilerini talap ederinden çekinýänligi üçinmi-kä? Häzir bu aladalaryň hemmesi artykmaçdy. Gregor entek öz öýündedi we maşgalasyny taşlap gitmek barada jinnek ýalyjagam pikir edenokdy. Häzir ol, dogrusy, halynyň üstünde ýatyrdy we onuň niçik ýagdaýa düşendigine göz ýetiren kişi ondan ynamdar wekili içeri goýbermegi talap edibem durmazdy. Gregory şujagaz edepsizligi üçin dessine işden kowup goýberäýesleri ýog-a, biraz soňra-ha ol özüni aklamak üçin degerli bahana-da tapardy. Gregor üçin-ä şu mahal takal-iňirdi bilen ýüregine düşenlerinden, ony öz gününe goýanlary has oňat boljakdy. Emma beýlekileriň hyýalynda näme bardygy düşnüksizdi, şoňa görä-de ol töweregindäkileriň günasini ýuwmarlady.

“Jenap Zamza,” – diýen ynamdar wekil indi sesini gataldyp gürledi, “bu nä boluş? Öz otagyňyzy içinden kiltläp otyrsyňyz-da, diňe “hawa” ýa “ýok” diýip jogap berýäýýäňiz, eneňizi-

atańyzy agyr hem gerekmejek hossa goýýańyz we — ýeri gelende aýtsak — öz gulluk borjuńyzy ýerine ýetirmekden görlüp-eşidilmedik ýagdaýda boýun towlaýańyz. Men häzir Siziń ata-eneńiziń we başlygyńyzyń adyndan gürleýärin hem-de gijä galmagyńyzyń sebäbini derrewiń özünde açyk-aýdyń düşündirmegińizi çynlakaý talap edýärin. Men Siziń bu bolşuńyza haýran galyp, agzymy açaýandyryn. Men Sizi örän sypaýy, salykatly ýigit diýip hasaplaýardym, Siz bolsańyz, görüp otursak, geń-tań hokga çykarýarsyńyz. Dogrusy, şu gün ir bilen hojaýyn Siziń işden galmagyńyzyń sebäbini çalarajyk duýdurdy — bu sebäp Size ýakynda ynanylan algylary çöplemek işi bilen bagly, ýöne men, dogrujamy aýdaýyn, bu düşündirişiń hakykata gabat gelmeýändigine söz bermäge-de taýyndym. Emma häzir Siziń düşnüksiz hötjetligińizi görüp durkam, hiç bir jähtden tarapyńyzy tutmaga jinnek ýalyjagam höwesim galmady. Siziń iş ýeriňizem ol diýen berk däl, juda yrga. Men bu zatlary Size ikiçäk gürleşenimizde aýtmakçydym, emma Siziń meni bu ýerde biderek egläp, gymmatly wagtymy alyp oturanyńyz üçin men bu ýagdaýy Siziń ata-eneńizden gizläp oturmagyń hajaty ýok hasap etdim. Soňky döwürlerde işińize-de gül ekip barańyzok; dogry, häzir uly şertnamalaryń baglaşylýan döwri däl, muny biz boýun alýarys; emma tutuş pasylyń dowamynda ýekeje şertnama-da baglaşyp bilmezlik, jenap Zamza, mümkin zat däl, beýle bolmaga haky ýok.”

“Ýöne, jenap wekil” — diýip, gaharly gürlän Gregor janyýangynlykdan ýańa özüniń häzirki düşen ýagdaýynam unutdy, “men edil häziriń özünde gapyny açaryn. Az-kem ýarawsyzlygym, başymyń aýlanmagy maňa ýerimden galmaga mümkinçilik bermedi. Men entegem düşegimden galyp bilmän ýatyryn. Ýöne indi biraz ganymatlaşdym. Ynha, häzir turýan. Sähel salym sabyr ediń! Entegem ýagdaýym edil isleýşim ýaly-ha däl ekeni. Ýöne eýýäm özüme gelişdim. Adamyń başyna düşýän derdi diýsene! Düýn agşamam men özümi örän oňat duýýardym, muňa öýdäkilerem hä diýer, has dogrusy, düýn agşamdan bäri süňňüm bir zat syzýan ýalydy. Muny töweregimdäkilerem duýan bolsalar gerek. Wah, näme üçin şol mahal edara habar etmedimkäm! Ýöne näme, adam pahyr sähelçe ýarawsyzlygy aýak üstünde geçiräýerin öýdýär-dä.

Jenap wekil! Hossarlaryma haýpyňyz gelsin! Siziň maňa bildirip duran nägilelikleriňize o diýen bir esasam ýok ahyryn; maňa-ha bu babatda ozal hiç zat aýtmandylar. Siz, megerem, meniň ýollan soňky işlerimiň hasabatyny okamadyk bolsaňyz gerek. Galyberse-de, sagat sekizdäki otly bilen ýola düşerin, bir-iki sagt artygrak ýatmagym meni taba getirdi. Jenap wekil, Siz bärde wagt ýitirip oturmaň; häzirjik özüm işe bararyn, gaýrat ediň-de, hojaýyna-da şeý diýip aýdaýyň, onuň ýanynda berin meni ýamanlaýmaň!”
Nämeler gürleýändigini özi aňlamasa-da, ähli zady bir demde suňşuran Gregoryň göwni giňedi, düşekde amala aşyran üstünlikli maşklarynyň netijesinde sandyga golaýlaşdy we oňa söýenip ör boýuna galmaga synanyşdy. Ol çyny bilen gapyny açmaga hyýallandy, hakykatdanam daş çykyp, wekil bilen gürleşmek isledi; häzir daş çykaýdygy, gapyda garaşyp duranlaryň özüni görüp, näme diýjeklerini bilesi gelip, içi byjyklady. Eger olar ör-gökden gelseler, onda Gregordan jogapkärçilik aýrylýardy-da, ol hiç bir zadyň aladasyny etmän biljekdi. Eger-de olar bu ahwalata adaty bir zat hökmünde garasalar, diýmek tolgunyp oturasy işem ýok, biraz tijense, sagat sekizde hakykatdan hem demirýol menzilinde bolup biljek. Ilkibada ol typançak sandyga söýenip bilmän, birnäçe gezek taýyp ýykyldy, emma ahyrsoňy, iň soňky gezekki synanyşygynda ör boýuna galdy; näçe agyrýan hem bolsa göwresiniň aşaky böleginiň berýän yzasyna üns bermedi. Soňra golaýynda duran oturgyjyň arkasyny söýget edindi, aýajyklary bilen onuň erňeklerinden pugta ýapyşdy. Indi ol öz göwresine erk edip ugrady, soňra bolsa wekiliň jogabyny eşitmek üçin sesini çykarman durdy.
“Siz onuň aýdýan ýeke sözüne bir düşündiňizmi?” – diýip, wekil Gregoryň hossarlaryndan sorady, – “ol biziň üstümizden gülýän-ä däldir?” “Hudaý saklasyn,” – diýip, eýýäm hamsygyp ugran ene söz açdy, “belki, ol agyr kesele ýolugandyr, biz bolsa oňa günä baryny ýöňkäp oturandyrys. Grete! Grete!” – diýip, gyzyny çagyrdy. “How, eje?” – diýip, Gregoryň gyz jigisi beýleki tarapdan gygyrdy. Olar Gregoryň otagynyň üstaşyry gürleşdiler. “Häziriň özünde lukmanyň üstüne ugra. Gregor ýaranok. Ýet,

lukmanyňka. Sen Gregoryň gürleýşini bir eşitdiňmi?” “Haýsydyr bir jandaryň sesi ýaly” – diýip, wekil enäniň gyk-bagyna garanyňda juda çasly ses bilen gürledi. “Anna! Anna!” – diýip, kakasy eýwanda duran ýerinden aşhana baka gygyrdy-da, elini çarpdy, – “häziriň özünde açar ussasyny alyp gel!” Ine-de gyzlaryň ikisi iki ýerden uzyn köýneklerini pasyrdadyşyp, eýwanyň içinden atylyp geçip gitdiler-de, – gyz dogany eýýäm haçan geýnip ýetişdikä? – daşky gapyny şarkyldadyp açdylar. Gapynyň ýapylany eşidilmedi, megerem, olar gapyny açyklygyna galdyrandyrlar, betbagtçylyga uçralan ýerlerde gapy-sapy ýada düşýärmi diýsene.

Gregor indi has-da arkaýynlaşdy. Dogrusy, indi onuň gepine hiç kim düşünmeýärdi, ýogsa onuň özi üçin-ä gatam düşnüklidi, hatda ol ozalkylaryndanam düşnükli gürleýärdi, belki, gulagynyň eýýäm öwrenişip ugranlygyndan şeýle görünýändir. Her niçigem bolsa, indi oňa bir döw çalandygyna ynandylar, kömek etmäge-de häzirdiklerini görkezdiler. Daşardakylaryň turuwbaşdan ynamly we paýhasly hereketleri onuň goltugyndan gop berdi. Ol ýene-de özüni adamlaryň biri saýdy, hä diýmän ýetip geljek lukman bilen ussany bir-birinden tapawutlandyrjagam bolman, olaryň ikisindenem üýtgeşik bir gudrata garaşdy. Az salymdan geçirjek aýgytly gepleşiginde öz sesi has düşnükli bolar ýaly, ol birneme üsgürinjiräp, bogazyny arçady, bu sesiň hem adaty adamlaryňka meňzemeýän bolaýmagyndan heder edip, muny seljermegi başarmaryn öýtdi we basyk ses bilen ardynjyrady. Goňşy otagda bolsa bu mahal dym-dyrslyk höküm sürýärdi. Belki, onuň ene-atasy stoluň başynda wekil bilen ümmüldeşip oturandyrlar, belki-de, gapa gulaklaryny goýup, diňşirgenip durandyrlar.

Gregor kürsüsi bilen haýaljakdan gapa tarap süýşdi, soň ondan itinip gapa söýendi-de, dim-dik bolup durdy, – onuň dabanlarynyň aşagynda azda-kände sülekeý şekilli ýelim bardy – göz açyp-ýumasy salymlyk demini dürsedi. Soňra agzy bilen gulpdaky açary towlamaga synanyşdy. Emma, görüp otursa, onuň dişlerem ýok bolsa nätjek, – indi açary näme bilen tutsa bolar-ka? – onuň deregine, äňi örän güýçli bolup çykdy; äňi bilen ol açary ýerinden gozgady. Ol öz tenine zeper

ýetirýändigine-de ähmiýet bermedi, çünki eýýäm onuň agzyndan nähilidir bir goňur suwuklyk syrygyp, açaryň üstünden akyp, ýere damýardy. “Eşidýäňizmi,” – diýip, goňşy otagdan wekiliň sesi geldi – “ol açary towlaýar.” Munuň özi Gregora ganat baglatdy: ýöne olaryň hemmesi bilelikde, ejesi bilen kakasam: “Güýçliräk towla, Gregor! Hany, bar güýjüňi topla-da, şu hazan urmuş gulpy açsana!” – diýip gygyryşsalar Gregor üçin ruhy tekge bolaýjakdy-da. Öz synanşyklaryna hemmeleriň dykgatly üns berýändigini aňynda aýlap, ol güýjünde bary bilen açary has-da hyjuwly dişledi. Gregor, açaryň aýlanyşyna görä, gulpuň ýanynda bir ol aýagyna, bir-de beýleki aýagyna daýanyp, duran ýerinde bökjekledi; ol häzir diňe agzynyň kömegi arkaly dik durşuna, ýagdaýa görä, käte açardan sallanýardy, käte-de bütin agramyny atyp, açary aşaklygyna basýardy. Ahyrsoňy açylan gulpuň şyrkyldysy Gregory ukudan oýanana dönderdi. Ol uludan demini alyp: “Bolsa-da, bu işiň hötdesinden ussasyzam geldim” – diýip, özbaşyna gürledi-de, gapyny doly açmak üçin başyny tutawaja diredi.
Şeýle usul arkaly itilen gapy juda giň açyldy welin, ýeňsede galan Gregoryň özi asla görünmedi. Ol ilki bilen gabsanyň birinji gatyndan emaýlyk bilen geçmelidi, işigiň agzynda arkanlygyna gürpüldäp gaýtmazlyk üçinem örän seresap bolmalydy. Ýeňil düşmeýän süýşenekleme bilen gümra bolan Gregor başga hiç bir zada üns bermän, başynagaý bolup durka, wekiliň “Oý-ho!” diýip, çasly gygyranyny eşitdi – bu ses edil şemalyň şuwwuldysy ýaly ýitidi – we diňe şondan soňra onuň özüni, gapa hemmelerden ileri durşuna, öwelip galan agzyny eli bilen tutup, göýä diýersiň, göze görünmeýän mähnet gara güýç döşünden itekleýän ýaly, assyrynlyk bilen ökje ogurlaýşyny gördi. Ejesi bolsa – ýanlarynda wekiliň bardygyna garamazdan, baryp öten agşamky çöşlenen, bulam-bujar saçlaryny hüžžerdip durdy – goluny gowşuryp durşuna kakasyna naýynjar garady, soňundanam Gregora tarap iki ädim ätdi-de, oraça ýaly giň etekli köýneginiň üstüne özüni goýberdi welin, döşüniň üstüne goýberen kellesi asla-da görünmedi. Kakasy Gregory yzyna itekläp salmak isleýän ýaly, gazap bilen ýumruklaryny düwdi, soňra gözlerini elek-çelek edip myhman otagyny synlap çykdy-

da, eli bilen ýüzüni ýapyp, çiginlek eginlerini silkdirip, aglamaga durdy.
Gregor entek myhmanlar kabul edilýän otaga giribem ýetişmändi, gabsanyň ýapyk taýyna iç ýüzünden söýenip, otagyň içine boýnuny süýndürip durdy, şonuň üçinem onuň göwresiniň diňe ýarpysy we bir egnine gyşaran kellesi görünýärdi. Bu aralykda howa-da ýagtyldy; köçäniň beýleki tarapyndaky goýy çalymtyl-gara reňkdäki süýnmek jaýyň bir çeti görünýärdi, – bu hassahanady – onuň ýüz tarapyny gyradeň we gös-göni penjireler tutup durdy; ýagyş henizem ýagýardy, ýöne indi onuň ýere gaçýan damjalary aýyl-saýyl görünýän, iri-iridi. Stoluň üstünde etirlik edinmek üçin üýşürilen san-sajaksyz gap-gaç durdy, çünki ertirlik kakasy üçin günüň dowamyndaky iň wajyp garbanyş wagtydy, ol saçak başynda dürli gazetleri dörjeýäp, ençeme sagat güýmenerdi. Çat maňlaýdaky diwarda Gregoryň harby gullukda düşen suraty asylgy durdy; onda uzyndan inçe, sünjülýän gylyjynyň baljagyny gysymlap, ünji-aladasyz ýylgyryp oturan, daýanykly göwresi we harby lybasy bilen görenlerde buýsanç duýgusyny oýarýan leýtenantyň keşbi şekillendirilipdi. Eýwana çykylýan gapy açykdy, daşardan girilýän gapy hem edil şonuň ýaly açyk bolansoň, ol ýerdäki merdiwanly meýdança we onuň aşaklygyna düşülýän ilkinji basgançaklary görnüp durdy.
“Ine, indi bolsa,” – diýen Gregor şu mütdet sowukganlylygyny saklap bilen ýeke-täk kişiniň özi bolanlygyna doly göz ýetirip gürledi – “men dessine geýnerin-de, nusgalyklarymy alaga-da, işe ugraryn. Siz meniň işe gidenimi asla islăňizogammy? Hawa, jenap wekil, görüp otursaňyz, men asla hötjet ýigidem däldirin, öz işime-de yhlas bilen ýapyşýandyryn; uzakly güni aýak üstünde geçirmek, elbetde, ýadadýar, ýöne bir ýerde oturmaga meniň kararymam ýetenokdy. Siz näme gidiberdiňiz, jenap wekil? Edaramyza gidýän-ä dälsiňiz? Şeýlemi? Onda ähli zady bolşy ýaly habar edersiňiz-ä? Käte-käte adamyň işlemäge mejaly bolmaýar, ýöne edil yzysüre öňki gazanan üstünlikleriňi ýatlap geçmäge-de, öz kemçilikleriňi düzetmek we mundan buýana has erjel, has ykjam işlemek üçin oýlanmaga-da örän amatly pursat döreýär. Men hojaýyna örän bergidardyryn, Siz muny gaty gowy bilýänsiňiz. Beýleki tarapdan bolsa, ene-atamyň, gyz

doganlarymyň aladasy meniň boýnumda. Men häzir biraz gysylýan, emma başymy alyp çykaryn. Siz bir meniň ýagdaýymy kynlaşdyrjak bolmaň. Edarada meniň tarapymy çalyň! Jerçi-satygçylaryň halanylmaýanlygyny men gowy bilýän. Olar weşeň-weşeň pul gazanýandyr, eşretli durmuşda ýaşaýandyr öýdülýär. Hiç kim munuň beýle däldigi hakda pikirem edenok. Emma, jenap wekil, nämäniň nämedigini Siz beýleki işgärlerden has gowy bilýäňiz, öz aramyzda galsyn welin, Siz muny hatda başlygymyzdanam gowy bilýäňiz, ol telekeçi adam hökmünde haýsydyr bir gullukçynyň zyýanyna ýalňyşybam biläýer. Şonuň üçinem arly ýyllap diýen ýaly edaranyň daşynda bolýan jerçiniň duran ýerinden bolgusyz gep-gybatlaryň, tötänlikleriň we esassyz aýyplamalaryň pidasyna öwrülip bilýändigini, ýaman pällilerden goranmak üçin juda ejiz gelýändigini, çünki köplenç hiç zatdan habarsyz galýandygyny we öz üstünden inen töhmet belasynyň ýakymsyz netijelerini diňe alys ýoldan ýorlup gelensoň duýýandygyny Siz gaty gowy bilýänsiňiz. Jenap wekil, haýyş edýän, meniň aýdýanlarymyň iň bolmanynda belli bir bölejiginiň hakykatdygyna ynanýandygyňyzy aýtman gitmäň!”

Emma wekil Gregor ýaňy bir gürläp başlanyndan ýeňsesine öwrülipdi we sandyraýan eginleriniň üstaşyry oňa agzyny öweldip seredýärdi. Gregor gürleýärkä, ol butnaman durmady; Gregory ýeke salymlygam gözünden sypdyrman, assa-ýuwaş gapa bakan ökje ogurlady, ýöne haýsydyr bir syr oňa otagdan çykyp gitmegi gadagan edýän ýaly, örän haýaljakdan dähedim-dessemledi. Eýýäm eýwana ýeten myhmanyň otagdan iň soňky ädimini juda çakgan çekip alşyny synlanyňda, ökjesine edil köz degendir diýdirjekdi. Ol eýwanyň ugry bilen atylyp barýarka hem howuljyrap, hamala özüni daşaryk oklap ýetişen dessine uçmaha düşäýjek ýaly, sag elini basgançaklaryň tutawajyna tarap öňe uzatdy.

Gregor edaradaky iş ornuny ýitirmejek bolsa, wekili bu halda goýbermeli däldigine göz ýetirdi. Onu ata-enesi bu zatlara düşünibem baranokdylar; indi olar öz ogullary bu hususy kärhanada ömürlik ornaşandyr diýip çaklamaga uzak ýyllaryň dowamynda halys öwrenişipdiler, häzirki üstlerine inen külpet bolsa, olary bu zatlar barada pikirlenmek ukybyndanam mahrum

edipdi. Emma Gregoryň akly ýerindedi. Häzirki wekili her edip-hesip edip saklamalydy, köşeşdirmelidi, ynandyrmalydy, gepiň küle ýeri, öz tarapyňa çekmelidi; Gregoryňam, onuň maşgalasynyňam ykbaly hut şuňa baglydy! Wah, gyz jigisi bir şu ýerde bolan bolsa bolmaýamydy! Ol örän meniklije gyzdy; ol baryp Gregor heniz düşekde arkanlygyna ýatyrka aglamaga başlapdy. Elbetde, bujagaz heleýbaz derňewçiniňem uguny ýekelemegi başarardy; gyz jigisi daşary çykylýan gapyny içinden ýapardy-da, eýwanda ebtini aşyryp duran musallady köşeşdirerdi. Emma edil häzir uýasy ýokdy, şoňa görä-de Gregoryň özi hereket etmelidi. Ol özüniň oňly ýöräp bilmeýänligi barada, gepiniň hem, ähtimal, ýok, magat, entegem hiç kime düşnüksizligine galanlygy barada asla pikirem etmän, gapynyň gabsasyny goýberdi; ötükden süýşüp geçdi; eýýäm jaýyň öňündäki meýdança çykyp, gözgyny halda basgançagyň tutawajyndan iki eli bilen ýapyşyp duran wekile tarap ýöremekçi boldy; birdenem hiç hili söýget tapman, geň-enaýy sesjagaz edip, aýajyklarynyň üstüne uzboýuna ýykyldy. Edil şol pursat ol öz göwresi üçin ir ertirden bäri ilkinji gezek ýakymly rahatlygy duýdy; ol aýajyklarynyň astynda mäkäm we ygtybarly topragy syzdy; indi aýajyklarynyň özüne doly boýun bolýandygyna biçak begendi; köpsanly aýajyklar ony barmakçy bolýan ýerine özleri aşyrmaga çalyşýan ýalydylar; indi ol öz başyna düşen ähli güzaplarynyň hä diýmän tükenjekdigine jany-teni bilen ynandy. Emma ýykylanda ejesiniň gabat garşysyna düşen Gregor badynyň zarbyna henizem yranjaklap durka, hälki özünden gidip seňseläp ýatandyr öýdülýän ejesi birden ýerinden turdy-da, gollaryny asmana uzadyp: “Eý, Hudaý jan, özüň medet bereweri!” diýip gygyrdy; ol Gregory içgin synlamakçy bolýan ýaly, başyny aşak egdi, soňam ugruny ýitirip, yzyna ylgaşlady; arkada ertirlik nahary goýlan stoluň durandygyny hem unutdy; götinjekläp barşyna stola direneninden soň, howul-haralykda onuň üstüne çökdi we edil gapdalynda agdarylan mähnet çäýnekden halynyň üstüne köfäniň pagşyldap dökülip durandygyny hem görmeýäne meňzedi.
“Eje, eje” diýip, Gregor ejesiniň ýüzüne seretmek üçin depesine garap, ýuwaşja seslendi. Ol ynamdar wekilem bir

pursatlyk huşundan çykardy; emma dökülip ýatan kofäni görüp saklanyp bilmedi-de, tumşugyny boş howada birnäçe ýola müňküldetdi. Muňa gözi düşen ejesi ýene-de çirkin gygyryp, stoldan atylyp düşdi-de, özüne garşy haýdaýan adamsynyň gujagyna doldy. Emma häzir Gregoryň ene-atasyna eli degmeýärdi; wekil eýýäm basgançaklara ýetipdi; ol eňegini tutawaja goýup, Gregora iň soňky gezek hoşlaşyk nazaryny aýlady; Gregor onuň yzyndan ýetmek üçin bat aldy; emma wekil onuň hyýalyny aňana borly; badyna birnäçe basgançagyň üstünden böküp, gözden gaýyp boldy; diňe onuň “Bäý-bäh!” diýen ümlük sesi basgançaklaryň arasynda ýaňlanyp gitdi. Gynançly ýeri, wekiliň gaçyp gitmegi şu çaka çen çydam edip oturan kakasynyňam kejebesini daraltdy, çünki wekiliň yzyndan özi ylgamaga ýa-da, iň bolmanyn-da, onuň yzyndan ýetmäge Gregora päsgel bermezligiň deregine, ol sag eline wekiliň kürside galdyran başgabyny, possundyr hasasyny alyp, çep eli bilenem stoluň üstünde ýatan gabaraly gazeti garbap alyp, aýaklaryny ýere tarpyldadyp, gazetdir hasany bulaýlap, Gregory öz otagyna kowmaga başlady. Gregoryň hiç bir haýyşy kömek etmedi, asla ol haýyşlaryň hiç birisine düşünilmedem, ol boýnuny naýynjar bursa, kakasy aýaklaryny has beter tarpyldatdty. Howanyň çigrekdigine garamazdan, ejesi penjiräniň gözüni giňden açyp, ýarpy göwresini daşary çykaryp, aýalary bilen ýüzüni tutdy. Penjire bilen daşaryk çykylýan basgançaklaryň aralygynda güýçli ýelçekme döredi, aýnalaryň perdesi çar tarapa galgady, stoluň üstündäki gazetleriň sahypalary öz-özünden agdarylyşyp, ala-şagyrdy döretdiler, käbir sahypalar gaýmalaşyp, tänip ýere düşdüler. Kakasy bolsa “Küş, küş!” edip, ýyrtyjy haýwanlaryňky ýaly hyňranyp, dynuwsyz hüjüm edýärdi.

Gregor heniz götinjekläp ýöremäge synanyşybam görmändi, yzlykgan süýşmek hakykatdanam juda ebeteýsizdi. Eger Gregor duran ýerinden yzyna öwrülip bilýän bolsady, onda şobada öz otagyna giräýmelidi, emma ol kän wagt talap etjek bu hereketi kakasynyň sabyr käsesini dolduraryndan we onuň elindäki taýagyny islendik pursatda öz ýagyrnysyna ýa-da kellesine inderip, öz ýoguna ýanaýaryndan çekindi. Gregor yzyňa öwrüläýmekden başga çäräniň galmandygyna, çünki yza

süýşeneklänińde göwräňi islän tarapňyňa ugrukdyraýýbam bolmaýandygyna ahyrsoňy göz ýetirdi; şonuň üçinem ol gorkudan doly gözleriniň gyýtagyny kakasyndan aýyrman, mümkin boldugyça çalasyn – iş ýüzünde bolsa örän haýal – öwrülmäge başlady. Kakasy onuň hoşmeýilli niýetine düşündi öýdýän, öwrülmäge päsgel bermeg-ä beýlede dursun, hat-da uzakdan taýagynyň ujy bilen ugrukdurdy. Wah, indi kakasy hem şu ýüregedüşgünç küş-küşlemesini goýaýsady-da! Bu sesden ýaňa Gregor halys kelebiniň ujuny ýitirdi. Ol eýýäm doly öwrülibem barýardy, ýöne ýene kakasynyň küş-küşlemesine diň saldy-da, aljyraňňylyga düşüp, biraz yzyna towlandy. Ahyrsoňy kellesini açyk gapynyň deňine ýetirdem welin, işikden gypynçsyz öterden göwresiniň has ýogyndygy aýan boldy. Goşa gabsanyň beýleki taýyny hem açaga-da, Gregor geçip biler ýaly ýol arçaýmak, elbetde, şu pursat edil gapdaljygynda duran kakasynyňam kellesine gelmedi. Onuň bar küý-aladasy Gregory bahymrak öz otagyna dykmakdy. Gapydan arkaýyn öter ýaly Gregora ör boýuna galmaga we ine-gana taýarlanmaga kakasy asla maý bererli däldi. Hamala bosagadan içeri ätläre hiç hili päsgelçilik ýok ýaly, kakasy indi öz gyk-bagyny hasam güýçlendirdi; Gregoryň ýeňsesinde gopýan gykylyk indi ýeke kakasynyň sesem däl-de, eýsem ozalkysyndan has köpelene meňzedi; indi oýun ederlik ýagdaý ýokdy, Gregoram – näme bolsa, şol bolsuna urup – gapydan sümülip geçmäge çemeleşdi. Ýöne göwresiniň bir tarapy ýokary galyp, bosaganyň üstünde ýanyn gyşardy, bir böwri ganjarynça sypjyrylyp, ak reňkli gapynyň ýüzünde ýürekbulanjy tegmilleri galdyrdy; ýene az salymdan gapjalyp, halys gymyldabam bilmedi, bir gapdalyna keserip ýatyşyna, aýajyklarynyň bir hatary howada gyrmyldaşýardylar; beýleki hatardakylar bolsa göwresiniň aşagynda gaňrylyp, yza baryny berýärdi, şol wagt kakasynyň ýeňsesinden ýetiren güýçli depgisi ony gapjalgy halyndan dyndardy, atylyp giden Gregor ganyny sarkdyryp, otagyň törüne baryp düşdi. Gapy taýak bilen urlup ýapylandan soň, otagyň içine uzak garaşdyran ümsümlik aralaşdy.

Dowamy bar…

Frans KAFKA.

Terjime eden: Ahmet HAŞAÝEW.

Mistika we fantastika